# Özüm hakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Özüm hakda ÖZÜM HAKDA




Men, kölege deý ruhy aňymda galan,
Atamyň duýgusy, inçe dowamy.
Täleý şatlygyma salypdyr talaň,
Goýup nesibäme sergin howany.
Men, hyýalyň müdimilik tussagy,
Hem köňüller köşgünde täk yşkbaz.
Başym dik,
Janym sag,
Serim gussaly,
Gijeler Aý,

Umydydyr yşyklan.

Akar – suw,
Öwser – ýel,
Sowular toýlar.
Aýralyga çenli äkider takdyr.
Ýöne ýagty günle näumyt goýmaz,
Günäsiz gözlerom wysala bakdyr.

Hawa, men,
duýgusy, inçe dowamy,
Jesedi topraga siñen atamyñ.
Ysgap ýörün atyr ysly howany,
Ýatlap geçmişimiñ çüýräp ýatanyn.

* * *

Ile ýamanlyk etmerin,
Erbet däldir meniñ zandym.
Ir ulaldym, bir ýetmezim
Hem uly söýgä ir ýandym.

Indi onam öçürerin,
Hakydamyñ lentasyndan.
Goý, indi başga oglanlar,
Yşka düşüp entesinler.

Ömrümden nadyl bolmaryn,
Hem hiç köñli ýykmanyma.
Bagdan sary gül ýolmaryn,
Meñzeş görüp ykbalyma.

Şeýdibem men, nesip etse,
Durmuşymyñ batgasyndan,
Gam-hesretiñ besse-besse,
Köñle üýşüp ýatmasyndan.

Geçip giderin, sag-aman,
Başga mekan tutunmaryn.

Özüm-özümi tanaman,
Soñ ýatlamda utanmaryn.

Ile ýamanlyk etmerin,
Erbet däldir meniñ zandym.
Ir ulaldym, bir ýetmezim,
Hem uly söýgä ir ýandym.

* * *

Suratçy dost, senden tenha haýyşym,
Arzuwlan gül bolup gögersin meniñ.
Çek asmanda hyýal kimin gaýyşyn,
Çapak çalyp barşyn gögerçinleriñ.

Çek sen dostum, towuklaryñ telärin,
Ejem janyñ çörek ýapýan tamdyryn.
Galam hakyñ aýlygymda tölärin,
Unudyp dünýäniñ gaýgy-gamdygyn.

Şemal ýaly tez bedewe münjekdim,
Çek sen, meniñ şady-horram şeklimi.
Obanyñ üstünden äpet Gün çekgin,
Tükeniksiz ýol hem bolsun çekilgi!

Çary ÝEGENMYRADOW.

Surat: Polat Garryýew / «Gyzyl kölege» Goşgular